# Ukusyzlyk / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ukusyzlyk / hekaýa UKUSYZLYK




Garaňky otag. Ýorganyň aşagynda gözlerini ýumup uklamaga synanyşýar, bolanok. Ýerinden turýarda çyrany ýakýar. Otag ýagtyldy. Pikirlenýär. Kellä hiç zat gelenok. Telewizory açýar. Pulty alýar we 66 ýaýlymy birme bir seredip çykýar. Öçürýär telewizory. Sagat 23:09. Çyrany hem öçürýär. Ýerine geçip ýatýar. Ýorgany çekýär. Gözlerini ýumýar. Ukysy gelenok. Ýene çyrany ýakýar. Öçürýär. Daşara çykýar. Çilimini otlaýar. Sorýar zäherli tüssäni öýkenine. Üsgüren bolýar. Asmana seredýär. Ýyldyzlar. Bir, iki, üç… Ýedi. Uly Ýedigen – merhumyň tabydynyň yzynda aglaýan üç uly gyz. Kiçi ýedigen – merhumyň tabydynyň yzynda aglaýan üç kiçi gyz. Dubhe we Merak. Demirgazyk ýyldyzy. Ol müňlerçe ýyl bäri ýerinden bytnanok, asman gümmeziniň merkezine gazyk ýaly kakylyp goýlan. Ähli ýyldyzlar onuň daşyndan aýlanýar. Onuň ýadyna çagalykda öwrenen sanawajy ýadyna düşýär. Sanaýar:

Ak at, Boz at – iki ýyldyz,
Demirgazyk ýeke ýyldyz.
Ýedigenim – ýedi ýyldyz,
Ýedi göçüp, ýedi gonar,
Sanasaň sogap bolar.

Soňra ol günorta tarapa seretdi. Akrap we Kowus ýyldyzlar toplumlarny synlady. Kowus ýyldyzlar toplumyny birki minut

synladyda, ak maýanyň ýoly bilen ýene demirgazyga geldi. Ýyldyzlary synlap durka birden asman ýagtylyp gitdi. Gün dogmagyna entäk ir. Bu UFO? Ýok bu bolidlerdi. Asman gümmezinde käwagt ýagtylyp gidýän meteorlar. Onýança çilimini hem çekip gutardy. Zyňdy. Çep aýagy bilen basgylady. Jaýyna girdi. Geçip ýatdy, ýöne ol henizem uklap bilenokdy… Hekaýalar